# Garrylyk bazary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Garrylyk bazary GARRYLYK BAZARY



Özümiňki däl,
Elim-aýagym.
Gözüm görenok,
Elde taýagym.
Hojalyk bazary
Däl barýan ýerim.
Gojalyk bazary –
Mesgenim–öýüm.

Bu ýerde harydyň
Bary mugtuna.
Gelen müner bahym
Täji-tagtyna.

Adamyň garagy,
Hem-de dalagy,
Ýüregi hem aýagy,
Gulagy…
Hatar-hatar goýulan.
Böwrek, ödi oýulan,
Dyzçanagy döwülen,
Guragyry,
Bagyry…
Bary saňa peşgeşdir.
Öňi-ardy bilinmez,
Bir ylaýhor leşgerdir.

Hojalyk bazary,
Däl barýan ýerim.
Gojalyk bazary–
Mesgenim-öýüm.

02.04.2024. Goşgular